# Geptorbanyñ galyndysy

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Geptorbanyñ galyndysy GEPTORBANYÑ GALYNDYSY

Dyrnak:
– Näme üçin meni ösdüreňok?
Barmak:
– Aňryňda kir ýygnaýaň.
Külbike:
– Näme üçin barmaklar deň däl?
Başam barmak:
– Onda işi kim eder?!

* * *

– Eje, siňekden düýe ýasap bersene?!
– Wiý, oglum, men o zady oňarman.
– Onda näme üçin kakam saňa «Peşeden pil ýasaýar» diýýär?

* * *

Lukman:
– Siz aragy, çilimi taşlasaňyz, arkaýyn segsen ýaşarsyňyz.
Goja:
– Haý, oglum, indi gij-ow!
– Näme üçin, ýaşuly?
– Sebäbi men segsen dördümde-dä…

* * *

Ýaş şahyr:
– Gadyrly redaksiýa, eserim göwnüňize ýakmasa ýakyň.
Edepli işgäriň jogaby:
– Sag boluň, biziň jaýymyz bug bilen ýyladylýar. Degişmeler